***Häzirki wagtda berkarar Diýarymyzyň ähli ýerinde Türkmenistanyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen parahatçylyk söýüjilikli ynsanperwer syýasatynyň özenini düzýän hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly baýramyna taýýarlyk işleri giň gerim bilen ýaýbaňlandyrylýar.***

Diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde, halklaryň we döwletleriň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy, ysnyşykly doganlyk gatnaşyklaryny has-da berkitmekde aýratyn orna eýe bolan türkmen Bitaraplygy bu gün dünýäniň hemme halklarynyň dilinde. Ynha, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýuna dünýäniň çar künjünden belent mertebeli myhmanlar geler.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň şu ýylyň 19-njy sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň taryhy mejlisinde eden çykyşynda belleýşi ýaly, Türkmenistanyň Bitaraplygy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň gymmatlygydyr. Berkarar Diýarymyzyň merjen paýtagtynda geçiriljek bu toýa dünýäniň çar künjünden myhmanlary ata-babalarymyzyň beýik adamkärçilige ýugrulan ynsanperwer ýörelgesi çagyrýar, hemişelik Bitaraplygymyz çagyrýar, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tutuş adamzadyň bagtyýarlygyna gönükdirilen beýik taglymaty çagyrýar.

Biziň dana pederlerimiziň mähre eýlenen «Gelen – döwlet» diýen parasatly aýtgysy bar. Diýmek, ýurdumyza myhman gelýär, myhman bilen hem döwlet gelýär. Olary güler ýüzli, duz-çörekli, aýdym-sazly garşylamak bolsa halkymyzyň gadymyýetden gelýän däbi. Ine, şu ýörelgeden ugur alyp, Bitarap Watanymyzyň ähli ýerinde hem bu şanly toýa taýýarlyk işleri giň gerime eýe bolýar.

**Maýsa BEKIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026